***Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň mugallymlary ÝUNESKO-nyň goldawy astynda ýokary bilim ulgamyndaky innowasiýalar boýunça halkara merkezi (UNESCO-ICHEI) tarapyndan guralan «Pedagoglaryň mümkinçiliklerini giňeltmek bilen: döredijilikli emeli aňyň (EA) okatmakda we öwrenmekde gizlin ukyplaryny açmak» atly sanly ulgam arkaly geçirilen maslahata gatnaşdylar.***

Haragpurdaky Hindi tehnologiki institutynyň öňdebaryjy tehnologiýalary we işläp taýýarlamalary merkeziniň dosenti, pedagogiki okuw we howaýy başarnyklary merkeziniň başlygynyň orunbasary Kauşal Kumar Bhagat maslahaty alyp baryjy bolup çykyş etdi.

Hindistandan gelen hünärmeniň çykyşy maslahata gatnaşyjylara emeli aňyň okatmakda we öwrenmekde ulanylmagy boýunça düşünjelerini, bilimlerini we tejribesini ep-esli giňeltmäge we çuňlaşdyrmaga mümkinçilik berdi. Alyp baryjy anyk mysallara daýanyp, döredijilikli emeli aňy okuw prosesine netijeli ornaşdyrmak, emeli aň arkaly sapaklary guramagyň we meýilleşdirmegiň täze çemeleşmeleri, bilimi bahalandyrmagyň döwrebap ulgamy, şahsy öwreniş we döredijilikli mazmuny işläp taýýarlamak barada gürrüň berdi.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены

save pdf date >>> 24.01.2026